# Öwrenilen endik / gülküli hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Öwrenilen endik / gülküli hekaýa ÖWRENILEN ENDIK

Barysy şol çagalar üçin berilýän çeper filmden soň başlandy. Gülküli filme çagajyklary bilen tomaşa eden Altyn özüni-hä kinodaky enä, iki oglunam onuň perzentlerine meňzetdi. Ol enäniň öz çagalarynyň üstünde kökenek bolşy hem edil özi-dä. Ýöne onuň çagalaryna ýüzlenişi Altyn üçin hasam täsirli, gyzykly göründi.
Özi saryýagyz bolsa-da, garaýagyzlygy adamsyna meňzändir-dä, elbetde, iki sany basdaş garaýagyzja ogullaryna filmdäki enäniň sözleri bilen «garaja çülpelerim» diýmäni çykardy. Çensiz ýuwaş adamsy Kadyram oňa ýylgyrmak bilen «diýýäniň näme-de» diýmedi. Sebäbi özem kämahal diline erk beregen gelniniň: «Garadyr, guradyr, öz iline töredir» diýip, söýgülemesine-de sezewaram bolardy.
Altynyň «garaja çülpeleri» ulalyp barsa-da, ol öwrenen sözlerini aýtmagyny goýmady. Kämahal gaýynenesi gelen wagty: «Hany, garaja çülpejiklem, indi birsalym o jaýda oýnaň» diýip, dagy bilmezlikden aýdaýsa-da, derrewdilini dişläp, onuň ýüzüne serederdi. Sebäbi gelniniň häsiýetine belet Orazgül daýza onuň bu nogsanlygyny goýdurjak bolup:
–Gelin jan, çaganam şeýdip söýelermi? – diýeninde, ol hiç bir müýnürgemezden:
– Şeý diýsem, bar mährim şulara gönügen ýaly bolaýýar. Söýüp aýdýan bulara, söýüp – diýerdi. Soň-soňlar gaýynenesine bu ýagdaýyň ýokmaýanlygyny bileni üçin, şunça dilini dişlese-de, öwrenen sözleriniň nädip diliniň ujunda peýda bolanyny bilmän galardy. Şeýle ýagdaýlarda:
– Garaja… akja balajyklam meniň – diýen bolup, sözüniň yzyny başga zada ýazdyraýardy.
Altynyň ogullary edil Kadyra meňzeş daýaw, garaýagyzam bolsa,

görki-görmegi özüne ýetik ýigitler bolup ýetişdiler. Altynyň endigine aýlanan sözleri kem-kemden ýatdan çykyşdy. Olaryň öýünde yzly-yzyna toýlar tutulyp, goşa gelin öýüň törüni bezedi. Uly ogly bilen gelnini edil gapdalyndan kaşaň, zamanabap jaý salyp göçüren Kadyrdyr Altyn indi ata, ene boldular. Üç ogul, iki gyz agtyjaklary jedirdeşip, olaryň içini gysdyrmaýardy.

Aradan öten aýlar-ýyllar maňlaýyna gasyn salan Altynyň görküne zeper ýetirip bilse-de, diline ýetirip bilmändi. Günleriň birinde agtyjaklaryny daşyna üýşürip, maşgala albomyndaky suratlary görýän wagtlary basdaşja oguljyklarynyň çagalykdaky suratlaryny gördi-de, ýüreginden mährine eýlenip çykýan, balajyklaryna aýdýan sözleri ýadyna düşdi. Şol pursatdan başlabam, käbiri garaja, käbiri bugdaýreňk, saryja agtyklaryna «garaja, saryja çülpejiklerim» diýmäni çykardy. Adamsydyr ogullary onuň bu sözlerine ýylgyryp, başlaryny ýaýkap oňsalar-da, gelinlerine gaýynenesiniň bu sözleriniň ýokuş degýänligi olaryň ýüz keşbinden bellidi.

Enäniň agtyjaklaryna mähri çäksizdi. Söýgüsi siňen sözleri öz göwnüne makul bolansoň, ony beýlekiler geňleýändirem öýdenokdy. Gaýtam, mähir bilen, söýgi bilen gaýtalamasyny köpeltdi.

Ýaz paslynyň jana şypa paýlaýan günleriniň birinde Altyn ene mellegindäki ekinlerine idegedişdirdi. Ösüp gelýän dürli gök ekinler onuň ruhuny göterdi. Keýpi çaglandy. Tebsirän dodaklaryny tamşanyp, çaýsyrandygyny duýdy. Ýadaw bolansoň, argyn göwresine dynç bermek üçin tegelenip oturan güjümiň saýasyndaky ykjamja sekä göwresini atdy. Körpe gelniniň adyny tutup gygyrdy, hiç kim hä bermedi.

– Çülpejiklerim! Garajam-a! Akjam-a! – diýip, agtyjaklaryny ideglemesine-de hä beren tapylmady.

– Hä, doganjyklarynyňka gidendir çülpejiklerim – diýip, bilini ýazyp, zordan diklenen ene uly oglunyňka ugrady. Ýanaşyk howlynyň daş ýüzünde topbak çägede üýşüp oýnaýan «akja-garajalaryny» görüp begendi, söýgüsini mährine garyp, olara habar gatdy, ejelerini sorady:

– Ejem dagy jaýda, baryber, ene! – diýip, olaryň ekabyrjasy

jogap berdi. Jaýyň ýola bakyp duran gapysyna ýönelen ene açyk duran penjirä ýakynlaşdy. Tötänden eşiden gürrüňleri ony penjirä ýeter-ýetmez ýolda duşaklady:

– Hiý, şeýle-de bir zat bolarmy, Jennet jan?!

Bu uly gelniň sesidi.

– Garaja çülpäm! Akja çülpäm! Nebir naşyja perzentjagazlaryna owadandan-owadan sözleri saýlamagyň deregine… Eşiden wagtym ýüregim sanjan ýaly boluberýär meniň-ä.

– Menem şeýle-dä.

Ýuwaşja geplese-de, gulaklary jam ýaly ene kiçi gelniň sesini tanady.

– Hemme häsiýeti bir ýana, şu gylygy bir ýana-da enesiniň. Göwnüne degmäýin diýip, osmaklaşdyryp aýdýanam weli, ýa-ha düşünenok, ýa-da düşünjegem bolanok…

Gürrüňiň dowamyny eşidip, bu ýerde durmak ene üçin iň agyr jeza boldy. Eli bilen tutup duran biliniň agyrysynam unudyp, hyrra yzyna öwrüldi.

Üç günläp «kelläm agyrýar» bahanasy bilen otagyndan çykmanýatan ene gelinleriniň daşynda hozanak bolmasyna o diýen bir ähmiýet beribem durmady. Dördünji gün weli öňküsi ýaly daşaryçykdy. Hyýalyndan müň dürli oýlary ötüren ene birmahal gaýynenesiniň bolşuny ýadyna salyp, onuň diýenini wagtynda etmedigine şu mahal puşman etdi.

Şol günden soň weli, ýüreginden mähre eýlenip çyksa-da, özüni gelinleriniň ýanynda utanja goýan sözleri bilen hemişelik hoşlaşdy.

Bahar ANNAŞOWA. Satiriki hekaýalar